# Genrih fon Kleýst

Category: Filosofiýa,Kitapcy,Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly
написано kitapcy | 22 января, 2025
Genrih fon Kleýst

GENRIH FON KLEÝST

Bernd Genrih Wilgelm fon Kleýst, nemes şahyry, nowellaçy, dramaturg.

Tanymal nemes şahyry Genrih fon Kleýst 1777-nji ýylyň 18-nji oktýabrynda Germaniýanyň Oder boýundaky Frankfurt şäherinde ştabs-kapitan Ioahim Fridrif fon Kleýstiň we onuň ikinji aýaly Ýuliýan Ulrikiň maşgalasynda dünýä indi. Ýeter-ýetmezçilikli durmuşda ýaşansoň, oňly bilim alyp bilmedik gelejekki şahyr kakasynyňam aradan çykmagy bilen 1792-nji ýylda prus goşunyna girýär. 1799-njy ýylda ejesiniň aradan çykmagy zerarly leýtenant çini bilenem goşundan çykmaly bolýar.
Harby goşunyň hataryndan çykansoň Wiadrin unuwersiteinde hukuk we filosofiýa ugrundan okaýar. 1800-nji ýylda Berlinde Maliýe ministrligindе işe başlaýar.
1801-nji ýylda Kleýstiň ugur-utgasyz psihologik ýagdaýy («чёрную меланхолию») ony Parižе syýahat etmäge iterýär we ondan soň Şweýsariýa ýerleşýär. Şol ýerde özüniň ilkinji drama eseri bolan "Şroffenşteýnleriň maşgalasy" pýessasyny ýazýar.
1802-nji ýylyň soňlarynda Germaniýa dolanan Kleýst Weýmarda Gýote, Şiller, Wieland ýaly tanymal şahslar bilen duşuşýar.
Az wagtlyk Leýpsigde we Drezdende bolandan soň ýene Parižе dolanan Kleýst Berlindäki iş ýerini Kýongsbergdäki döwlet edarasyna öwürýär. 1807-nji ýylda Drezdene barýarka fransuz esgerleri tarapyndan jansyzlykda aýyplanyp tussag edilýär. Türmeden çykyp Drezdene giden Kleýst Adam Mýuller bilen sataşýar we onuň bilen bile 1808-nji ýylda "Phöbus" ("Feb") gazetini çykaryp başlaýarlar.
Kleýst 1809-njy ýylda Praga gidýär we ondanam ýene Berline

gelýär. Ol Berlinde "Berliner Abendblätter" gazetini çykarýar.
Çaklamalara görä şahyr şol wagtlar özi ýaly durmuşdan halys doýan Genrietta Fogel atly bir kompozitor aýal bilen "gezip" başlaýar.
Olaryñ gatnaşygy soñabaka has çynlakaý görnüşe geçýär, iki tarap hem biri-birini däli-porhan bolup söýýär.
Fogel 1808-nji ýylda az mukdarda bolan rak keseliniñ özünde 1811-nji ýylda ýokary derejä çykandygy görýär. Ol ýagdaýyny şahyra aýdýar we bu keselden öler ýaly gorkýandygy üçin ondan özüni öldürmegi haýyş edýär. Kleýst bolsa söýgülisine bile ölmegi teklip edýär. Olaryñ ikisi-de mundan beýläk ýaşamaga hiç hili sebäp tapmaýarlar we bile ölmek üçin özara ylalaşýarlar. Lukmanlar hem Fogele uzak ýaşamajagyny aýdypdylar, bu bolsa olaryñ bu niýetini hasam çaltlaşdyrmaga bahana bolýar.
Kleýst we Fogel 1811-nji ýylyñ 21-nji noýabrynda ir bilen Berliniñ etegindäki Kleýner Wannsi kölüniñ boýunda bilelikde ertirlik edinýärler. Soñra Kleýst sapança bilen söýgülisi Genriettäniñ ýüreginden atýar, yzyndanam sapançany agzyna diräp, özüni-de öldürýär.
Kleýstiñ öz janyna kast etmeziniñ öñ ýany ýazyp giden bir sahypalyk hatynda şu setirler ünsüñi çekýär:

“…Bar gepem şunda: Maña bu planetada hiç wagt hiç kimiñ kömegi degmedi".
(«Истина в том, что мне ничто не подходит на этой Земле»)

Ýanaşyk jaýlanan aşyklaryñ mazarynyñ başujyna bolsa: "Aýdym deýin ömür sürdi, gam-gussalar ýuwdup gezdi, agyr günleri başdan geçirdi, ölümi gözledi we bakylygy tapdy" diýlip ýazylypdyr.
Kleýst tutuş ömrüni ideal we hyýaly bagtlylygy tapmaga bagyş etdi. Bu maksat köplenç onuñ eserlerinde hem öz mynasyp beýanyny tapdy.
Onuñ pýessalaryna dartgynlylyk we tragediýa mahsusdyr. Ol öz döwründe demirgazyk Germaniýanyñ iñ görnükli romantist dramaturgy hasaplanypdyr we häzirem şeýle hasaplanýar.

Ýazyjy şahyrlaryň we alymlaryň terjimehaly